**ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ**
**MEKDEBE ÇENLI WE MEKDEP BILIMI MINISTRLIGI**
**ÝÖRITELEŞDIRILEN BILIM EDARALARY AGENTLIGINIŇ**
**ÝANYNDAKY PEDAGOGIK USSATLYK WE HALKARA**
**BAHALANDYRMAK YLMY-AMALY MERKEZI**

**ENE DILI WE EDEBIÝAT PREDMETINDEN HÜNÄR SERTIFIKATYNY BERMEK BOÝUNÇA TEST ÝUMUŞLARYNYŇ**

# SPESIFIKASIÝASY

**Daşkent – 2026**

**ENE DILI WE EDEBIÝAT PREDMETINDEN HÜNÄR SERTIFIKATYNY BERMEK BOÝUNÇA TEST ÝUMUŞLARYNYŇ**

# SPESIFIKASIÝASY

Bu spesifikasiýa Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň döwlet mekdebe çenli we umumy orta bilim edaralarynyň pedagog kadrlaryna hünär sertifikatyny bermek boýunça döwlet hyzmatlaryny görkezmegiň adminstratiw reglamentyna laýyk taýýarlandy. Resminama ene dili we edebiýat predmeti mugallymlarynyň hünär taýdan bilim, endik we kompetensiýalaryny bahalamak üçin ulanylýan test synaglarynyň mazmuny, gurluşy we bahalamak ölçeglerini belleýär.

Spesifikasiýa test ýumuşlarynyň mazmunyny, gurluşyny, bahalamak ölçeglerini, test ýumuşlarynyň görnüşini, kognitiw derejelerini we bahalamak proseslerini guramak tertibini belläp berýär.

Bu resminama test ýumuşlaryny taýýarlamakda metodiki esas bolup hyzmat edýär hem-de bahalamak prosesiniň aýdyňlygy, adalatlylygy we ylmy esaslanlygyny üpjün etmäge garadylan.

## I. Umumy ýörelgeler

Bahalamagyň esasy maksady ene dili we edebiýat predmeti boýunça nazary bilimlerini, amaly endiklerini we kompetensiýalaryny, ene dili we edebiýat predmetini okatmagyň metodikasy boýunça bilimlerini, pedagogik ussatlygyny we hünär taýdan kompetensiýalaryny kompleks bahalamakdan ybarat. Bahalamagyň netijeleri pedagog kadrlary hünär boýunça sertifikat bermek prosesinde karar kabul etmek üçin esas bolup hyzmat edýär.

## II. Kadalaşdyryjy esaslar

1. Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň 2024-nji ýyl 12-nji fewralyndaky «Döwlet mekdebe çenli we umumy orta bilim edaralarynyň pedagog kadrlaryna hünär sertifikatyny bermek boýunça döwlet hyzmatlaryny görkezmegiň adminstratiw reglamentini tassyklamak barasynda»ky 87-belgili karary.

2. Özbegistan Respublikasynyň Mekdebe çenli we mekdep bilimi ministriniň 2026-njy ýylyň 3-nji iýulyndaky «Döwlet mekdebe çenli we umumy orta bilim edaralarynyň pedagog kadrlaryny hünär sertifikatlaşdyryş barlag synagyny guramak we geçirmek dogrusynda»ky 233-nji belgili buýrugy.

## III. Bahalamak gurşawy

Ene dili we edebiýat predmeti mugallymlary üçin hünär predmetinden 40 sany, pedagogik ussatlyk boýunça 10 sany, jemi 50 sany test ýumşy hödür edilýär

we umumy test ýumşuny ýerine ýetirmek üçin berlen wagt 120 minut edip bellenilen. Munda ýapyk test ýumuşlaryndan *(diňe bir dogry jogaby talap edýän (Y1), laýyklygy anyklamagy talap edýän (Y2) we yzygiderliligi talap edýän test ýumuşlary (Y3)* peýdalanylýar. Hünär predmetlerinden düzülýän test synaglarynyň mazmun ugry we bahalanýan bilim we endikler boýunça paýlanyşy aşakdaky tablisada görkezilen:

## IV. Testiň gurluşy

Test synagy ene dili we edebiýat predmetiniň esasy mazmun ugurlaryny öz içine alýar. Esasan, dilden amaly peýdalanmak, dil nazaryýeti we lingwistik derňew, edebiýat taryhy, edebiýat nazaryýeti we çeper derňew, ene dili we edebiýat predmetini okatmagyň metodikasy we pedagogik ussatlyga degişli bilim we endikleri bahalamaga garadylan. Test ýumuşlarynyň mazmuny umumy orta bilimiň döwlet tälim standartlary, ulanyşdaky okuw maksatnamalary hem-de predmet boýunça metodik talaplar esasynda şekillendirilýär.

**Hünär predmetlerinden düzülýän test ýumuşlarynyň mazmun ugry we bahalanýan bilim we endikler boýunça paýlanyşy**

*1-nji tablisa*

| Mazmun ugry | Bahalanýan konstruktorlar | Testleriň sany |
|---|---|---|
| **1. Okuw sowatlylygy** | | |
| 1.1. Teksti okap düşünmek we logiki derňew etmek | – Ylmy we çeper tekstlerden esasy ideýa we faktlary anyklamak;<br>– Eseri logiki derňew etmek we netije çykarmak;<br>– Goşgularyň we rubagylaryň proza görnüşindäki beýanyny derňew etmek; | 3 |
| 1.2. Halk döredijiligi | – Halk döredijiliginiň nusgalaryny mazmun, ideýa we şekil taýyndan derňew etmek; | 1 |
| 1.3. Edebi žanrlar. Çeper sungatlar | – Edebiýat nazaryýetine degişli bilimleri ulanmak;<br>– Žanr aýratynlyklary, kapyýa, redif, çeper sungatlary anyklamak we tapawutlandyrmak; | 2 |
| 1.4. Türkmen we dünýä çagalar edebiýatynyň wekilleriniň ömri we döredijiligi | – Edebi deňeşdirmek – türkmen, dünýä we häzirki döwür edebiýaty wekilleriniň eserlerini mazmunyny we çeper aýratynlygyny anyklamak, awtoryň usulyny anyklamak;<br>– Personažlar, wakalary derňew etmek; | 3 |

| | | |
|---|---|---|
| | – Eseriň temasyny, obrazyny we stil aýratynlyklaryny anyklamak; | |
| **2. Ene dili** | | |
| 2.1. Dildäki sesler, orfografiýa, fonetik hadysalar | – Fonetik we orfografik – sesleri derňew etmek.<br>– Orfografiýa düzgünlerini amalda ulanmak, fonetik hadysalary tapawutlandyryp bilmek; | 2 |
| 2.2. Göçme manyly sözler, omonim, sinonim, antonim, söz düzümleri | – Sözleriň leksik manysy, göçme manyly sözleri tapawutlandyrmak;<br>– Sözleriň aňladýan manylary, gurluşlary taýyndan görnüşlerini anyklamak, söz düzüminiň manysyny derňew etmek; | 2 |
| 2.3. Asyl söz we goşulma. Goşulmalaryň görnüşleri | – Sözüň düzümini derňew edip, sözleri manyly böleklere bölmek;<br>– Söz ýasaýjy, söz üýtgediji we kömekçi goşulmalaryň wezipesini anyklamak hem-de olary sözleýişde dogry ulanmak; | 2 |
| 2.4. Özbaşdak many aňladýan söz toparlary. Özbaşdak many aňlatmaýan söz toparlary | – Özbaşdak many aňladýan söz toparlary. Özbaşdak many aňlatmaýan söz toparlary.<br>– Olaryň görnüşlerini derňew etmek, many aýratynlyklaryny tapawutlandyrmak, sada we goşma sözleri anyklamak;<br>– Grammitik birlikleri morfologik derňew etmek;<br>– Özbaşdak many aňladýan we aňlatmaýan söz toparlaryny grammatik aýratynlyklary esasynda tapawutlandyrmak; | 4 |
| 2.5. Dyngy belgilleri | – Dyngy belgileriniň görnüşlerini, ulanylyş düzgünlerini bilmek; dyngy belgileriniň sözlemiň manysy we intonasiýasyna täsirini bilmek hem-de ýazuwda dyngy belgilerinden dogry, ýerlikli peýdalanmak; | 1 |
| 2.6. Söz. Sözlem. Sözlemiň görnüşleri | – Sintaktik gurluşyny – sözlemiň gurluşyny, sözlemiň görnüşleri bilen baglanyşykly bolmadyk bölekleriň sözlemdäki ähmiýetini derňew etmek; | 1 |
| **3. Matematika** | | |
| 3.1. Natural sanlar. Drob sanlar. | – Natural, bitin we drob sanlary anyklap bilmek;<br>– Sanlaryň bahasyny düşünmek; | 4 |

| | | |
|---|---|---|
| Onluk droblar | – Bitin we drob sanlaryň arasyndaky tapawut; sanlary böleklere bölmek;<br>– Drob we bitin sanlary deňeşdirmek; berlen sany rim sifrleri bilen ýazmak; | |
| 3.2. Amallar we algebraik pikir ýöretme | – Üýtgeýjiler we algebraik aňlatmalary anyklamak;<br>– Deňleme we deňsizligi düzüp bilmek;<br>–Ýönekeý algebraik aňlatmalary logiki sadalaşdyrmak;<br>– Algebraik pikiri ýöretmäni derňew edip bilmek; | 4 |
| 3.3. Geometriýa we ölçegler | – Geometrik şekilleriň perimetrini, üstüni we göwrümini hasaplamak; Şekil we ölçemek netijelerini matematiki formula bilen aňlatmak; dürli şekilleriň perimetrini we üstüni deňeşdirmek; berlen ölçegler esasynda geometrik mysallary çözmek;<br>– Ölçemek netijelerini tablisa, diagramma ýa-da çyzyk arkaly aňlatmak; ölçemek netijelerini deňeşdirmek; | 2 |
| 3.4. Ähtimallyk nazariýasy we maglumatlar bilen işlemek | Hodisa ehtimolligini tushunish; turli ma’lumotlar to‘plami va ehtimollik natijalarini taqqoslash; Ma’lumotlarni turli shakllarda (jadval, diagramma, grafik) o‘qiy olish va statistika ko‘rsatkichlari orasidagi farqni tushunish;<br>– Hadysanyň ähtimallygyny düşünmek; dürli maglumatlaryň toplumy we ähtimallyk netijelerini deňeşdirmek;<br>– Maglumatlary dürli görnüşlerde (tablisa, diagramma, garfik) okap bilmek we statistik görkezijileriň arasyndaky tapawudy düşünmek; | 2 |
| **4. Tebigy ylymlar** | | |
| 4.1. Ýeriň üsti, tebigy sebitler, howa, landşaft, tebigy resurslar | – Materik we okeanlar, esasy deňizler. Tebigy çetlikler: dag, dere, jülge, çöl. Suw resurslary: derýalary, kölleri, ýerasty suwlaryny anyklamak;<br>– Tebigy sebitleriň aýratyn häsiýetleri: howa, ösümlik we haýwanat dünýäsini düşünmek; Landşafty emele getirýän tebigy prosesler. Mineral resurslary tapawutlandyrmak; | 2 |
| 4.2. Durmuş sistemasy we organizm | – Organizmiň we ekologik sistemalaryň esasy häsiýetlerini anyklamak; Ekologik gurşawyň we adamyň işjeňliginiň baglanşygyny düşünmek; Sagdyn durmuş ýörelgesine degişli kararlary biologik esaslar bilen bahalamak; | 2 |

| | | |
|---|---|---|
| | – Ösümlikleriň we haýwanlaryň organizmleriniň esasy böleklerini atlandyryp bilmek; Janly organizmleriň klassifikasiýasyny amaly ýagdaýda ulanmak; | |
| 4.3. Fiziki häsiýetler. Energiýa. Ýagtylyk. Hereket. Güýç. | – Tebigy hadysalaryň nähili faktorlaryň täsirinde emele gelýändigini düşündirýär. Berlen jisimleri fiziki häsiýetlerine görä toparlara bölmek; Tebigy hadysalaryň we psosesleriň esasy düşünjelerini, tebigy maddanyň we energiýanyň häsiýetlerini anyklamak; Hadysa we prosesleri düşünmek; | 1 |
| **5. Terbiýe** | | |
| 5.1. Şahsy terbiýe we ahlak gymmatlyklary. | Milli we umumadamzat gymmatlyklarynyň mazmunyny hem-de dogry we nädogry hereketleri aýratynlandyryp bilmek; | 1 |
| 5.2. Jemgyýetçilik we raýatlyk terbiýesi. | – Raýatlyk duýgusy we degişlilik prinsiplerini real ýagdaýlarda ulanmak, raýatlyk hukuk we borçlaryny tapawutlandyrmak; | 1 |
| **Jemi** | | **40 sany** |

**Pedagogik ussatlykdan düzülýän test ýumuşlarynyň mazmun ugry we bahalanýan bilim we endikler boýunça paýlanyşy**

*2-nji tablisa*

| 1. PEDAGOGIK USSATLYK | | 10 sany |
|---|---|---|
| **1.1. Umumy pedagogika** | – pedagogika, didaktika, terbiýe we ýaş psihologiýasynyň esaslary, çemeleşmelerini we ýörelgelerini bilmek we berlen ýagdaýa laýygyny saýlap bilmek;<br>– pedagogikanyň ýörelgelerini (aňlylyk we işjeňlik, görkezmelilik, sistemalylyk we yzygiderlilik, ylmylyk, nazaryýetiň we amalyýetiň birligi we başgalar) bilmek we berlen ýagdaýa laýygyny saýlap bilmek;<br>– terbiýe we onuň görnüşlerini bilmek, bir-birinden tapawutlandyrmak we berlen ýagdaýa laýygyny saýlap bilmek;<br>– sapak we onuň görnüşlerini bilmek, sapagy meýilnamalaşdyrmak, guramak we synpy dolandyrmak çemeleşmelerini konkret ýagdaýlarda ulanyp bilmek;<br>– synp ýolbaşçysynyň hukuklaryny we borçlaryny bilmek, synp resminalary bilen işläp bilmek, olary dogry yzygiderlilikde ýöretmek, synp toparyny dogry şekillendirmek, aragatnaşykda pedagogik etika düzgünlerini berjaý etmek, ata-eneler bilen hyzmatdaşlygyň netijeli şekillerini saýlamak, problemaly ýagdaýda iň amatly strategik çemeleşmegi ulanmak;<br>– pedagogik etika, nutk, tehnika, döredijilik, pedagogik edep, bilimlilik/kompetentlilik, hünär işjeňliginde zerur pedagogik ukyplar, aragatnaşyk medeniýeti, takt/ýumşaklyk, kreatiwlik, refleksiýa we hünär taýdan ösmek esaslaryny bilmek we berlen ýagdaýa laýygyny saýlap bilmek;<br>– pedagogik ukyp we onuň görnüşlerini (didaktik ukyp, akademik ukyp, persiptiw-pedagogik ukyp, aragatnaşyk medeniýeti, guramaçylyk ukyby, kommunikatiw ukyp, awtoritar ukyp we başgalar) bilmek we konkret ýagdaýlarda ulanyp bilmek;<br>– bilim tehnologiýalary (taslama esaslana bilim, problemaly bilim, hyzmatdaşlykdaky bilim, ewristik bilim, şahsa ugrukdyrylan bilim, interaktiw bilim, differensial bilim, integral bilim, oýunly bilim, inklýuziw bilim we başgalar) bilmek we ýagdaýa laýygyny saýlap bilmek. | 10 |

| | | |
|---|---|---|
| | – predmetiň mazmun ugruny okatmak çemeleşmelerini, metodikasyny we tehnologiýalaryny bilmek;<br>– predmetiň ugry boýunça okatmagyň usullaryny we metodlaryny tapawutlandyrmak we berlen ýagdaýa laýygyny saýlamak;<br>– predmetiň ugry boýunça berlen bilim beriji ýagdaýyna degişli kabul edilen kararlara baha bermek. | |

**Kognitiw endikleriň paýlanyşy**

*3-nji tablisa*

| T/s | Kognitiw dereje | Düşündiriş | Testiň sany |
|---|---|---|---|
| 1 | **Bilmek** | Predmete degişli esasy deliller, kanunlar, kesgitlemeler, formula we hadysalary ýatdan bilmek, tanamak, ýada salmak. | 22 |
| 2 | **Ulanmak** | Delil we kanunlary tanyş bolan ýagdaýlarda ulanmak, hasaplamak, grafik/diagrammany derňew etmek. | 23 |
| 3 | **Pikir ýöretmek** | Tanyş däl ýagdaýda ulanmak, derňew-sintez, sebäp-netije, baglanyşyk, düşündirmek, bahalamak. | 5 |

## V. Bahalamak ölçegi

Test tabşyrýanlaryň umumy netijesi her bir test ýumşuna berlen ballaryň jemi esasynda anayklanýar. Her bir dogry jogap üçin **2 bal**, nädogry jogap üçin **0 bal** berilýär. Test synagynyň iň ýokary netijesi 100 baly düzýär.

## VI. Synagyň tertibi

*Gadagan edilýän serişdeler:* synag wagtynda mobil telefondan, akylly sagatdan, planşetden ýa-da elektron ýatlatmalardan peýdalanmak gadagan edilýär.

*Tertip we düzgün:* nusga göçürmek, kömek soramak ýa-da kömek bermek, test synagy dowamynda gürleşmek, rugsatsyz çykmak ýaly ýagdaýlar gadagan edilýär.

Gözegçi düzgüniň bozulmagyny anyklanda, ony resmileşdirip, diňleýjini testden çykarýar we netijesi ýatyrylýar.

## VII. Maslahat berilýän edebiýatlar

1. Matematika 2-nji synp: L.Orinbaýewa, Ş.Ismailow, N.Ruzikulowa, U.Rahmanow, M.Jumaýew, N.Ismailowa, N.Usmanowa «Daşkent» 2021

2. Matematika 3-nji synp: L.Orinbaýewa, Ş.Ismailow, H.Ýusupow, N.Ruzykulowa, U.Rahmanow, Ş.Hakberdiýewa, N.Ýusupowa, A.Baýmanowa «Daşkent» 2022

3. Matematika 4-nji synp: N.U.Bikbaýewa «Daşkent» 2020

4. Matematika 5-nji synp I-II bölüm: B.K.Haýdarow «Daşkent» 2020

5. Ene dili we okuw sowatlylygy 1-nji synp I-II bölek: Ş.Abdullaýewa, G.Abdullaýewa, G.Welbegow «Daşkent» 2021

6. Ene dili we okuw sowatlylygy 2-nji synp I bölek: Ş.Abdullaýewa, G.Abdullaýewa, G.Welbegow «Daşkent» 2024

7. Ene dili we okuw sowatlylygy 2-nji synp II bölek: K.Hallyýew, J.Metýakubowa «Daşkent» 2024

8. Ene dili we okuw sowatlylygy 3-nji synp I-II bölek: Ş.Abdullaýewa, G.Abdullaýewa, G.Welbegow «Daşkent» 2022

9. Ene dili 4-nji synp: A.Kadyrow, I.Arazow «Daşkent» 2020

10. Terbiýe 1-nji synp: O.W.Usmanowa, Ý.W.Risýukowa «Novda» 2024

11. Terbiýe 2-nji synp: N.Ismatowa we b. «Daşkent» 2020

12. Terbiýe 3-nji synp: D.Roziýewa we b. «Sanoat-Standart» 2020

13. Terbiýe 4-nji synp: S.Şamuhammedowa «O’zbekiston» 2020

14. Tebigat ylymlary 1-nji synp I-II bölek: Ý.W.Malikowa «Novda» 2024

15. Tebigat ylymlary 2-nji synp: K.T.Suýarow, Z.Ý.Tillaýewa, Z.B.Sangirowa, M.M.Awezowa, M.H.Baýmuratowa, S.G.Hasanowa «Daşkent» 2021

16. Tebigat ylymlary 3-nji synp: Z.B.Sangirowa, K.T.Suýarowa, Z.Ý.Tillaýewa, M.M.Awezowa, M.H.Baýmuratowa, S.G.Hasanowa «Daşkent» 2022

17. Tebigaty öwreniş 4-nji synp: A.Bahromow, Ş.Şaripow, M.Nabiýewa «Daşkent» 2020

18. 5-nji synp. Türkmen dili I bölek. A.Alymjanowa, O.Gaýliýewa. «Daşkent» 2024

19. 5-nji synp. Türkmen dili II bölek. A.Alymjanowa. «Daşkent» 2024

20. 6-njy synp. Türkmen dili. M.Hanmatow, A.Hanmatow, G.Welbegow. «Daşkent» 2022

21. 6-njy synp. Edebiýat. R.Klyçew, D. Arazow «Daşkent» 2022

## VIII. Pedagogik mahorat va kasb standartlari bo‘yicha manbalar

1. Mavlonova R.A., Umumiy pedagogika. Darslik. – Toshkent: Fan va texnologiyalar, 2018. – 528 b.

2. Xoliqov A. Pedagogik mahorat. Darslik, – Toshkent: “Bayoz” nashriyoti, 2025. – 504 b.

3. Tolipov O‘., Ro‘ziyeva D. Pedagogik texnologiyalar va pedagogik mahorat.

O‘quv qo‘llanma. – Toshkent: “Innovatsiya-ziyo” nashriyoti, 2019. – 276 b.
4. Sh. Abdiraimov v.b. Ta’limda baholash va monitoring asoslari. O‘quv-uslubiy qo‘llanma. – Toshkent, TDYU nashriyoti, 2026. – 208 bet.

***<u>Ýatlatma</u>:*** *test ýumuşlarynyň mazmuny maslahat berlen edebiýatlarda bar bolan mazmun , ugur we çemeleşmeler bilen laýyklaşdyrylýar, emma test ýumuşlary göni çeşmelerden alynmaýar. Hünär synagyna taýýarlanmak wagtynda maslahat berlen edebiýatlar ýatda saklamak serişdesi hökmünde hyzmat etmekden görä, umumy hünär taýýarlyklaryny berkitmäge gönükdirilen.*